# Hereketiň-aýnaň…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Hereketiň-aýnaň… HEREKETIŇ-AÝNAŇ…

“Buz üstünde tozan arap”,
Yrsarap
Gara nebsiň üçin bähbidiň arap,
Adamlary çatmak, adama satmak
Dogup-döräp seniň pişäň ekeni.
Hereketiň-aýnaň, seret ýüzüňe,
Kesbi-käriň nesip etsin özüňe.

Ýeke däl, iki däl. Üçünji gezek…
“Üçden soň puç” söznem etdiň biderek.
Ýene-de ýazjak sen näçinji gezek?
Herejetiň-aýnaň, seret ýüzüňe,
Kesbi-käriň nesip etsin özüňe.

Sana, hany, eliň barmagny sana!
Sana-sana!
Onuň dyrnagnam sana!
Aýt näçe?
Belki, ýetendir şonça?
Şyltak atyp ýazan arzalaň sany?
Heerketiň-aýnaň, seret ýüzüňe,
Kesbi-käriň nesip etsin özüňe.

Ilmyrat PUDAKOW. Goşgular